# HÄZIRKI ZAMAN HALKARA GATNAŞYKLARYNYŇ DERWAÝYS MESELELERI

**TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI**

**TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY IŞLER MINISTRLIGINIŇ HALKARA GATNAŞYKLARY INSTITUTY**

# HÄZIRKI ZAMAN HALKARA GATNAŞYKLARYNYŇ DERWAÝYS MESELELERI

(makalalar ýygyndysy)

Aşgabat • Ylym • 2024

## EDEBIÝAT


1. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň ýyl ýazgysy. “Türkmenistan” gazeti, 21.12.2022.

2. Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisindäki çykyşy. “Türkmenistan” gazeti, 12.12.2023.

3. Özara bähbitli türkmen-emirlik hyzmatdaşlygynyň mümkinçilikleri giňeldilýär Türkmenistanyň Prezidenti bilen BAE-niň Prezidentiniň arasyndaky gepleşikler. “Türkmenistan” gazeti, 22.11.2022.

4. Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow: – Häzirki wagtda Türkmen-Emirlikler gatnaşyklary täze derejä çykarmak üçin ähli mümkinçilikler bar. “Türkmenistan” gazeti, 23.11.2022.

5. Mekgäniň Keramatly topragyna zyýarat. Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow umra hajyny berjaý edýär. “Türkmenistan” gazeti, 02.06.2022.

6. Belent ruhy däplerimiziň dowamatlylygy ata Watanymyzyň abadançylygynyň esasydyr. Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň Saud Arabystany Patyşalygyna sapary tamamlandy / Türkmenistan gazeti 03.06.2022.

7. Türkmenistan – Katar: gatnaşyklary hemmetaraplaýyn ösdürmegiň ugry bilen “Türkmenistan” gazeti, 05.12.2022.

8. Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow BMG-niň Howanyň üýtgemegi boýunça Çarçuwaly konwensiýasynyň taraplarynyň maslahatyna gatnaşdy. “Türkmenistan” gazeti, 05.12.2023.

9. *Усмонов Н. Н.* Аравия и Центральная Азия накануне возникновения ислама и в первые годы арабского халифата. Вестник ТГУПБП, 2010, №2 (42).



**Täzegül Mämmetgeldiýewa,**

*Seljeriş we strategik meýilleşdiriş ugrunyň magistranty*


# TÜRKMEN-ÝAPON YKDYSADY GATNAŞYKLARYŇ STRATEGIK GELJEGI

“Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynyň”, “Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022–2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmek boýunça maksatnamasynyň” wezipelerine laýyklykda, Türkmenistanyň bitaraplyk syýasaty ählumumy strategik möhüm ýörelge hökmünde dünýä we sebit döwletleri, şeýle hem airi halkara guramalary bilen hyzmatdaşlygy hemişe ösdürmäge gönükdirilendir. Döwletiň milli ykdysadyýetiniň diwersifikasiýa ýoly bilen ösdürilmegi, sanlylaşdyrma proսesleriniň giňeldilmegi, global ykdysady giňişligine we umumydünýä ykdysady gatnaşyklaryna işjeň goşulyşmagyna badalga berýär.

Milli Liderimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň belläp geçişi ýaly, Türkmenistan özüniň ýakyn goňşulary we beýleki döwletler bilen dostlukly hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny ýola goýýar. Häzirki wagtda ýurdumyz Orta Aziýa, Aziýa-Ýuwaş ummany sebitleriniň, Ýewropanyň, Orta we Ýakyn Gündogaryň ýurtlary bilen özara bähbitli ýakyn hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny ösdürýär. Soňky ýyllarda döwletimiziň öňe süren halkara başlangyçlary Beýik Ýüpek ýolunyň gadymy ugrunda energetika, ulag, aragatnaşyk we beýleki ugurlarda ähmiýetiniň we geljeginiň giň gerimliligini göz öňüne tutup, häzirki wagtda ösüşiň ähli ugurlarynda toplumlaýyn, häzirki zaman, ýokary tehnologiýa üpjün ediş ulgamlaryny ösdürmek üçin şertleriň döredilmegine, Gündogar-Günbatar, Günorta-Demirgazyk ugurlary boýunça sebitara we yklymara hyzmatdaşlygy ösdürmäge niýetlenen köptaraplaýyn taslamalary amala aşyrmaga, geoykdysady, serişde, önümçilik, tehnologik mümkinçilikleri doly açmaga gönükdirilendir. Bu wezipeleriň amala aşyrylmagyna Türkmenistan Aziýa yklymynda parahatçylygy, durnuklylygy, howpsuzlygy üpjün etmegiň we goldamagyň, döwletleriň we halklaryň öňe gitmeginiň möhüm esasda garalýandygyny dana pähim-paýhas bilen beýan etdi [1]. “Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy” ýylynda Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda Garaşsyz hem baky Bitarap Türkmenistan halkara gatnaşyklarynda we umumadamzat bähbitli ynsanperwer syýasatyny alyp barmakda özüniň bedew batly ösişi bilen dowam edýär.

Taryha ser salsak, 1991-nji ýylda Türkmenistan Garaşsyzlygyna eýe bolan ilkinji gününden dünýäniň birnäçe döwletleri bilen ykdysady hyzmatdaşlygy ýola goýmaklykda ägirt uly işleri amala aşyrdy. Ylaýta-da, ýurdumyzyň durmuş-ykdysady taýdan binýadyny pugtalandyrmakda giň gerimli işler durmuşa geçirildi. Türkmenistan ýylsaýyn durmuş-ykdysady maksatnamalary üstünlikli durmuşa geçirip, döwlet dolandyryşyny, hukuk binýadyny kämilleşdirmek ýagdaýyny üstünlikli we durnukly amala aşyran Merkezi Aziýa döwletleriniň ilkinjisi boldy.

Häzirki wagtda döwletimiz dünýä döwletleri bilen ykdysady, syýasy, medeni, ylym-bilim, saglygy goraýyş ýaly ugurlarda dostlukly hyzmatdaşlygy saklaýar. Türkmenistan döwletimiz umumadamzat we global meseleleri ugrunda halkara guramalary bilen dostlukly hyzmatdaşlygyny ýola goýup, sebitde we dünýä derejesinde parahatçylyk we özara ynanyşmak ýoluny özgertmekligi dowam edýär.

Ösüşiň taryhy senelerinde, Türkmenistan döwletiniň, “Günüň dogýan ülkesi” ady bilen belli bolan baý taryhy we ösüş ýoly bolan Ýaponiýa döwleti bilen özara dostlukly hyzmatdaşlygynyň orny aýratyn bellärliklidir. Bu babatda Türkmenistanyň taryhy ösüş ýolunda Milli Liderimiz, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň baştutanlygynda türkmen-ýapon gatnaşyklarynyň hronologiýasy bu ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň uly derejede ähmiýetlidigini görkezýär. Ykdysady hyzmatdaşlyk barada aýdylanda, häzirki wagtda tebigy gazy gaýtadan işlemek ulgamynda ýakyndan hyzmatdaşlyk edilýär. Ýeri gelende bellesek, ýapon kompaniýalarynyň

gatnaşmagynda Türkmenistanda iri taslamalaryň ençemesiniň – Maryda we Garabogazda karbamid dökünlerini öndürýän zawodlar toplumlarynyň, Türkmenabadyň himiýa zawodynda konsentrirlenen fosfor döküniniň önümçiligi boýunça önümhananyň, Gyýanlyda polietilen we polipropilen öndürýän zawodyň, Ahalda tebigy gazdan benzin öndürýän senagat toplumynyň, şeýle-de Türkmenabat şäheriniň golaýynda gazturbinaly elektrik stansiýasynyň gurluşyklary muňa aýdyň mysaldyr.

Ýapon-türkmen ykdysady gatnaşyklarynyň ýaýbaňlanmagy şu aşakdaky döwürlere bölmek bolar:

**Garaşsyzlyk ýyllarynyň ýapon-türkmen gatnaşyklary – ösüşiň ilkinji basgançagy.** Ýaponiýa Türkmenistanyň Garaşsyzlygyny ilkinjileriň hatarynda ykrar etdi we Ýaponiýa bilen Türkmenistanyň arasynda 1992-nji ýylyň 22-nji aprelinde diplomatik gatnaşyklary ýola goýuldy. Bu bolsa Garaşsyzlygymyzyň ilkinji ýyllarynda türkmen-ýapon gatnaşyklarynyň syýasy, ykdysady we senagat taýdan ösmekligine täze gapylary açdy. 2005-nji ýylyň ýanwar aýynda Aşgabat şäherinde Ýaponiýanyň ilçihanasy açyldy. Türkmenistan we Ýaponiýa döwletleriniň alyp barýan dostlukly we ynsanperwer daşary syýasaty, bu iki ýurdyň ykdysady, senagat we ylym taýdan berkitmegiň nobatdaky strategik ülüşini düzdi.

**Galkynyş döwrüniň ýapon-türkmen gatnaşyklary.** Bu döwürde Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň baştutanlygynda türkmen-ýapon gatnaşyklarynyň strategik ugurlary täze basgançaga galdy. Türkmen-ýapon gatnaşyklarynyň ileri tutulýan strategik ugry – ýurdumyzyň ykdysady, syýasy we ylym-tehnologiýa taýdan özgertmek bolup durýar. Milli Liderimiziň 2005-nji we 2013-nji ýyllarda Ýaponiýa döwletine resmi, döwlet saparlary amala aşyrdy. Iki ýurduň arasynda ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň bu senenamasy ýapon-türkmen gatnaşyklarynyň hyzmatdaşlyk dialogynyň netijeligini açyp görkezdi.

**Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe türkmen-ýapon gatnaşyklarynyň täze sepgitleri.** Bu döwür elbetde türkmen-ýapon gatnaşyklarynyň strategik ösüşinde özboluşly aýratynlygy bilen tapawutlanýar. Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Ýaponiýa döwletine amala aşyran birnäçe saparlary Watanymyzyň syýasy, ykdysady we ylym taýdan durnukly ösdürmekde badalga boldy.

Döwletara gatnaşyklaryň şanly taryhy wakasynyň ýene biri hem, 2015-nji ýylda Ýaponiýanyň premýer-ministri Sindzo Abeniň Türkmenistana amala aşyran saparynyň netijesinde söwda-ykdysady ugurlarda özara bähbitli ikitaraplaýyn şertnamalara we ylalaşyklara gol çekildi. Milli Liderimiziň parasatly alyp barýan daşary syýasatynyň netijesinde 2017-nji ýylda “Türkmengaz”, “Türkmenhimiýa” we “Türkmennebit” döwlet konsernleri bilen bilelikde Ýaponiýanyň iri kompaniýalary bolan “Sojitz”, “Çhiyoda”, “Nippon”, “Itoçu”, “Jgç”, “Kawasaki”, “Toyo”, “Mitsui”, “Tsukisima”, “Mitsubisi” we “Sumitomo” bilen ykdysady taýdan bähbitli ylalaşyklara gol çekildi.

2018-nji ýylda Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş banky we Ýaponiýanyň Halkara Hyzmatdaşlyk bankynyň (JIBC) we beýleki maliýe maliýe edaralarynyň arasynda 13 milliard ýapon ýeni möçberinde, şeýle-de 152 million amerikan dollaryndan ybarat karz ylalaşyga gol çekilip, bu serişdeler Lebap welaýatynyň gazturbinaly elektrik bekediniň gurluşygyna gönükdirildi. Degişli şertnama Ýaponiýanyň "Sumitomo Corporation" we "Türkmendöwletenergo" döwlet elektroenergiýa korporasiýasynyň arasynda baglaşyldy [4].

Türkmenistanyň ykdysady, senagat, söwda we infrastrukturasynyň durnukly ösmeginde nobatdaky ädim, bu hem Milli Liderimiziň 2019-njy ýylda Ýaponiýa döwletine amala aşyran taryhy saparyny bellemek gerek. Bu taryhy saparlarda Milli Liderimiziň bilen bilelikde döwletimiziň dürli pudaklaryndan wekiller hem gatnaşdy. Bu saparda esasy ileri tutulan ugurlar, elbetde türkmen ykdysydaýetine, senagatyna, ulag-logistika we söwda ýaly ugurlary durnukly ösdürmek boldy. Ikitaraplaýyn söwda-ykdysady gatnaşyklary babatda, Ýaponiýa Türkmenistanyň esasy maýa goýum hyzmatdaşy bolmak bilen, uzak möhletleýin taslamalry durmuşa geçirmekde, Ýapon-türkmen ykdysady komitetleriniň alyp barýan işleri uludyr [3].

2020-nji ýylyň ýanwar aýynda "Türkmengaz" DK-sy "Kawasaki Heavy Industries" ýapon kompaniýasy bilen konsultatiw hyzmatlary guramak üçin ikitaraplaýyn şertnama baglaşdylar. Bu taslama laýyklykda tebigy gazyny gaýtadan işlemek boýunça desgalary gurnamakdan ybaratdyr.

Häzirki wagtda hormatly Prezidentimiziň alyp barýan daşary syýasatynyň strategik ösüş ugurlarynda, ynsanperwer, umumadamzat bähbitli ýörelgeleri dünýä hyzmatdaşlygynyň üns merkezinde durýar. Dünýä işewürleri we maýa goýujy kompaniýalary, has dogrusy, Ýaponiýanyň iri maýa goýum kompaniýalarynyň we işewürleriniň ýurdumyza saparlary ýygy-ýygydan guralýar.

Soňky otuz ýylyň dowamynda Ýaponiýa we Türkmenistan hyzmatdaşlygyň dowamynda ähli ileri tutulýan ykdysady, syýasy we medeni ugurlarda öňe sürülýän borçnamalary ýerine ýetirilip, ikitaraplaýyn bähbitli gatnaşyklar yzygiderli ýola goýulýar. Türkmenistanda amatly geografik ýerleşişi boýunça amatlylygy, ykdysady we syýasy taýdan durnukly bolan döwlet hökmünde tanalyp, halkara gatnaşyklarynda berk dostlukly gatnaşyklary gurmaga ynamdar döwlet hökmünde tanalýar.

## EDEBIÝAT

1. "Beýik Ýüpek ýolunyň ugrundaky diplomatiýa: taryhdan geljege" atly ylmy-amaly maslahatyň çykyşlarynyň gysgaça beýanlarynyň ýygyndysy. – A.: Ylym, 2014.

2. Türkmenistan – Ýaponiýa: dostluk we hyzmatdaşlyk gatnaşyklary ösdürilýär. "Türkmenistan" gazeti. 22.10.2019.

3. *Сукиасянц Н.* Современная политика японии в центральной азии: Опыт Туркменистана. The Caspian Region: Politics, Economics, Culture. 2022.